# INÇEKESELLI NÄSAGLARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY



# INÇEKESELLI NÄSAGLARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

## I RAÝATLARYŇ SAGLYGYNY GORAMAGA HUKUGY HAKYNDA TÜRKMENISTANYŇ KANUNÇYLYGY:

Türkmenistanyň Konstitusiýasy (4, 28, 29, 52, 60-njy maddalar), Türkmenistanyň kanunlary: "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda"; "Ýokanç keselleriň öňüni almak hakynda"; "Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda" we başgalar.

## II ÝOKANÇ KESELLI NÄSAGLARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

### ÝOKANÇ KESELLI NÄSAGLARYŇ ŞULARA HUKUKLARY BAR:

1 döwlet saglygy goraýyş edaralarynda we döwlet ylmy edaralarynda tölegsiz bejergi almaga;

2 lukmançylyk gözden geçirmesiniň, barlagynyň we bejerişiň netijeleri hakynda dogry maglumat almaga, şeýle hem ýokanç keselleriň ýaýramagynyň öňüni almak boýunça maslahatlar almaga;

3 ýokanç keselleriň öňüni almak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy netijesinde olaryň saglygyna we (ýa-da) emlägine ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna.

### ÝOKANÇ KESELLI SYRKAWLARYŇ BORÇLARY:

1 saglygy goraýyş işgärleriniň görkezmelerini ýerine ýetirmäge;

2 saglygy goraýyş edarasynyň içerki tertip-düzgün kadalaryny berjaý etmäge;

3 bellenilen möhletlerde zerur bolan gözden geçirmelerden we barlaglardan geçmäge.

# III INÇEKESELLI NÄSAGLARYŇ BEJERILMEGI WE OLARYŇ DURMUŞ TAÝDAN GORAGLYLYGY

1. Inçekeselli näsaglaryň bejerilmegi ýöriteleşdirilen inçekesele garşy saglygy goraýyş edaralarynda tölegsiz geçirilýär.

   Inçekeselli, goşmaça barlaga we bejergä mätäç näsaglar bejerişden ýüz dönderendigi we ýokanjy ýaýradandygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

2. Inçekesel bilen kesellemegi ilkinji gezek ýüze çykarylan ýa-da onuň gaýtalanmasy bolup geçen zähmete ukyply ýaşdaky näsaglara üznüksiz bejergi geçirilmegi we sagaldylmagy üçin wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk haty on aýa çenli möhlet bilen berlip bilner. Şeýle näsaglara görkezilen möhletiň dowamynda iş ýeri saklanyp galynýar.

3. Inçekeselli näsag bilen bir jaýda (otagda) bile ýaşaýan onuň maşgala agzalarynyň inçekeseliň himiýa öňüni alşyny tölegsiz almaga hukugy bardyr.

4. Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 126-njy maddasy: "Maýyplygy bolan adamlaryň durmuş taýdan goralmagyny üpjün etmek babatda döwlet dolandyryşy Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar".

# IV ARZ ETMÄGE HUKUK:

Her bir şahsyň özüniň hukuklary we kanuny bähbitleri bilen gönüden-göni bagly bolan meseleler boýunça administratiw edara ýüz tutmaga, haýyşnama bildirmäge ýa-da administratiw edaradan maglumat almaga hukugy bardyr **("Administratiw önümçiligi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasy).**

Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň we wezipeli adamlaryň bikanun hereketleri zerarly özleriniň namysyna we mertebesine, janyna we saglygyna, adamyň we raýatyň Türkmenistanyň Konstitusiýasynda göz öňünde tutulan şahsy we syýasy hukuklaryna we azatlyklaryna her bir hyýanat edilmeginden kazyýet tertibinde goranmaga haky bardyr **("Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasy).**

Adalatçy Türkmenistanyň raýatlarynyň we Türkmenistanyň çäginde bolýan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini bozýan döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň çözgütlerine ýa-da hereketlerine (hereketsizligine) bolan arzalara seredýär we olar boýunça barlag geçirmäge hukuklydyr **("Adalatçy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasy).**

## SESLENME ÜÇIN SALGYLARYMYZ:

**1. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi (TSG we DSM)**

(+99312) 40-06-74 (sorag-jogap gullugy):
(+99312) 48-92-97
https://www.saglykhm.gov.tm/yuzlenme
info@saglykhm.gov.tm (resmi ýüzlenmeler üçin)

**2. Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýeti (ÝKMM)**

+993 (12) 73-91-78
+993 (12) 73-99-27
ykmm_cid@sanly.tm

**3. Ýokanç keselleri merkezleri müdiriýetiniň Inçekeseli bejeriş-öňüni alyş merkezi**

+993 (12) 73-86-38
+993 (12) 73-84-38
incemerk@sanly.tm